# Sahypalarymdaky ýazgylar

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sahypalarymdaky ýazgylar SAHYPALARYMDAKY ÝAZGYLAR



Penşenbe gününiň ikindin wagtlary özümiň ýazan »Deçjalyň dünýä inmegi» atly eserime bellikler edip otyrdym…
Hawa-la ýanymda-da kofe…… edil kinolardaky ýazyjylar ýaly kofeni az-azdan içip durman, bir demde eňterip goýberdim.
Ikindi wagty geçip, asmany tümlük gurşap aldy. Garaşylan

pursat gelip ýetdi. Bir sagatdanam garaňky gatlyşyp gije düşdi. Bir salym penjiräni açdym. Täze ak kagyz alyp näme etjegimi bilmedim… Birsalymdan soňra….
Dişleri syh-syh uçly, çüýjerýän gözleri hanasyndan çykyp duran, şahly, herrik gulakly, özem gara tüýli eýmenç hyrsyz mahluk gözlerime seredip dur. Men gorkdum, ýöne siz gorkmaň, bu meň öz elim bilen çeken mahlugym Demonyň suratydy.
***

– Maňa şahyr diýýänler, meni kilçerdip görkezýärler. Ýazyjam diýýärler. Men ýazmaga kämilleşmedik adam. Men ýazyjy däl ahyryn…
Bu ýazgymy okan ejem: »Sen meýde-de ýaranyp bilmedik gyz…»' diýen altyna gaplaýmaly sözler ýazypdyr.

***

Öňler men özüme buýsanýardym, ýöne indi buýsanjym maňa buýsanýar. Men garşy bolmadym…

***

Aslynda hemme zatlar gowy bolmalydy…

***

Kitaphanada otyryn…
Tekçeler kitaplardan doly. Ýöne meň elimde kitap däl-de telefon bar… Kimdir biri bilen sms ýazyşýandyr öýdüp pikir etmäň, telefonumdaky kitaplar kitap tekçelerinde ýokdugy üçin…

***

Eger haýsydyr bir şahyry ýa ýazyjyny ynjydan bolsam, göwnüne degen bolsam meni bagyşlamasyn… Göwnüňi görer öýdýärmiň! Garagyň aksyn!!!

***

Iki sany garynja ýoluň ugrunda gabatlaşýarlar. Salamdan soň, biri-birlerine: »Ylgaşmakda ýaryşalymy?» diýişip ylgamaga

başladylar. Pellehana birinji gelen at garynjady. Beýleki ýönekeý garynja bolsa at garynjaň goýan maňyzyny alyp barýardy…

***

Dünýe manyly, ajaýyp ýurt, ajaýyp watan, hemmeler watansöýer, gördüňmi!?!

***

Hemmeler telekeçi, hemmeler satyjy, hemmeler täjir, söwdegär, tüweleme begenýän, emma alyjy nirede???

***

Öýde, oýlanyp daşymdan öz-özüme »Şeýdäýsem, şeýle boljak eken» diýýän welin, öýdäkiler maňa priwideniýa bilen gürleşýändirin öýdýärler.

***

-»Ýalandan ýaranjaňlyk edip işiňi düzetdirip gördüňmi?» diýip ýylgyryp bir tanyşym menden sorady. Menem: »Ýok, ýöne arkalaşýanlaryma şeýle işimi düzetdirip gördüm» diýdim. Ol maňa: şeýle diýdi: »Haý, akmak ekeniň, sen diňe arkalaşýanlaryňa işiňi düzetdirýäň, men bolsam hemmelere…

***

Halaşýan gyzym, ilkinji duşuşykda meň bilen tanyşyp otyr: »Sen haýsy kinony gowy görýäň?» diýen soragyna »Sessiz söýgi» diýip iň ýigrenýän kinomy, ajy bolsa-da uly höwes bilen aýtmaly boldum…

***

Ýene bir gün halaşýan gyzym: »Sende Tik-tok barmy diýip sorady. Men oň eliniň aýajygyna iki-üç sanjak Tik-tak kakyp berdim… Ol meň ýüzüme seredip doňup galdy. Menem oňa…

***

Iki sany serçe gürleşýär:
– Ho-ol hüžžügi tanaýaňmy?
– Haýsy, ho saçyny ýuwup gelýän adama diýýäňmi?
– Ýok, ho-ol towuk ketekdäki horaza diýýän…
– Wi, hä, hawa …
– Ana şol öý eýesiniň berýän iýmlerini ýeri gazyp gömüp goýýar.
– Akmak ekeni…
– Akmak däl, akylly ol zaňňar…
– O näme diydigiň?
– Ol towuklary semretmän saklaýar, towuklaram eýesine ýumurtga guzlap berenok…
– A soýup iýerdä, eýesi…
– Beýtmez, beýtse öý eýesiniň heleýi ony öýden kowar…

***

Bir şähere geldim. Etažlaryň boýy beýik eken… Köçede hiç kim ýok. Maşyn-garada görnenok. Diňe köçede men we etažlar… Etažlaryň penjiresine synym düşdi. Şäher jaýy diýip pikir edýänim kitap tekçeli, polkalar we kitaplar bolsa nätjek!
Bir az ýöränimden soň bir tekçedäki ýazgylara gözüm düşdi »Çingiz hanyň ýok etdiren kitaplary»!!!

***

Ýer togalagyny ýangyn ot gurşap aldy, adamlar buzdan gämi mündiler. Gaýtalanýan sowuklyk enjamy bilen gämini dolandyrdylar. Şatylama doňaklykda ot ejizledi…
Indi dünýä ýüzüni suw basyp aldy, sebäbi hemme buzlar eräpdi. Agajam ýok gury ýerem. Buzly gämidäkiler näme ederkä?

30.08.2024. Sözler